#167 (189)
среда, 6 февраля 2024 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI



2024-nji ýylyň 1-nji martynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň ilkinji iki aýynda milli ykdysadyýetiň pudaklarynda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi, degişli hasabatlar diňlenildi, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň gaýragoýulmasyz wezipeleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa çykyş edip, şu ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada maglumat berdi.

Bellenilişi ýaly, "Türkmenistanyň "Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna" atly ýubileý medalyny döretmek hakynda" Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Häzirki wagtda Mejlisde döredilen iş toparlarynda ýurdumyzyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda raýat-hukuk gatnaşyklaryny kämilleşdirmek, energiýany tygşytlamak we energiýadan netijeli peýdalanmak, gidrometeorologiýa işi hakynda kanunlaryny taýýarlamak boýunça işler alnyp barylýar. Şeýle hem Maşgala we Raýat iş ýörediş kodekslerine täze kadalary girizmek işleri dowam etdirildi. Döwrüň talaplaryna laýyklykda, oba hojalyk ekinleriniň tohumçylyk işini, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga degişli kanunlaryň taslamalary taýýarlanylýar.

Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisi ýurdumyzyň syýasy durmuşynda möhüm waka boldy. "Türkmenistany 2024-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynda" kesgitlenen wezipelere laýyklykda işlenip taýýarlanylan hem-de tassyklanan Halk Maslahatynyň işiniň esasy ugurlary boýunça Türkmenistanyň Mejlisi, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary hem-de jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikde şu ýylda ýerine ýetirilmeli işleriň we geçirilmeli çäreleriň Meýilnamasy deputatlaryň alyp barýan kanun çykaryjylyk hem-de wagyz işlerinde möhüm gollanma bolup hyzmat eder.

Şeýle-de daşary ýurtlaryň parlamentleri we halkara guramalar bilen netijeli gatnaşyklary pugtalandyrmagyň çäklerinde amala aşyrylýan işler barada maglumat berildi. Şunuň bilen baglylykda, geçen döwürde duşuşyklaryň 6-synyň geçirilendigi aýdyldy. Şunuň bilen bir hatarda, deputatlar ýurdumyzyň degişli edaralary tarapyndan abraýly halkara düzümler bilen bilelikde kanun çykaryjylyk işini kämilleşdirmek meseleleri boýunça guralan okuw maslahatlarynyň 18-sine gatnaşdylar. Öňdebaryjy tejribäni öwrenmek maksady bilen, deputatlaryň daşary ýurtlara iş saparlarynyň 5-si amala aşyryldy, şol sanda Türkmenistanyň wekiliýeti Ýaponiýanyň Tokio şäherinde iş saparynda boldy. Bitaraplygyň dostlary toparyna agza ýurtlaryň parlament ýolbaşçylarynyň "Parahatçylygy we dialogy berkitmekde parlament hyzmatdaşlygynyň orny" atly birinji duşuşygy utgaşykly görnüşde geçirildi. Şeýle hem Mejlisiň deputatlarynyň kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça öňde goýlan wezipeleri durmuşa geçirmek, wagyz etmek, döwletimiziň içeri we daşary syýasatyny, kabul edilen kanunlaryň many-mazmunyny halk köpçüligine düşündirmek, Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyny öwrenmek bilen bagly geçirilýän çärelere gatnaşýandyklary habar berildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow berkarar Watanymyzy maksatnamalar esasynda depginli ösdürmegiň, halkymyzyň hal-ýagdaýyny yzygiderli gowulandyrmagyň kabul edilýän kämil kanunlara baglydygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň kanunçylygyny döwrüň talaplaryna görä kämilleşdirmegi dowam etdirmegiň möhümdigine üns çekildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow şu ýylyň ilkinji iki aýynyň makroykdysady görkezijileri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, maksatnamalaýyn çäreleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde, hasabat döwründe jemi içerki önüm 6,3 göterim artdy. 2023-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, jemi öndürilen önüm 7,9 göterim ýokarlanyp, ykdysadyýetiň pudaklarynda kadaly önümçilik netijeleri gazanyldy. Şu ýylyň iki aýynda bölek satuw haryt dolanyşygy, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 10,5 göterim, daşary söwda dolanyşygy hem 1,1 göterim ýokarlandy. Döwlet býujetiniň girdeji böleginiň meýilnamasy 107,2 göterim, çykdajy böleginiň meýilnamasy bolsa 97,9 göterim ýerine ýetirildi. Ýurdumyzyň iri we orta kärhanalarynda ortaça aýlyk zähmet haky, 2023-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 10,3 göterim ýokarlandy. Zähmet haklary, pensiýalar, döwlet kömek pullary, talyp haklary öz wagtynda maliýeleşdirildi.

Ýanwar-fewral aýlarynda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberi, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 24,6 göterim artdy. Şeýle hem Oba milli maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, jemi içerki önümiň ösüş depginini ýokary derejede saklamak üçin netijeli işleri geçirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi hem-de ministrlikleriň we pudak edaralarynyň önümçilik meýilnamalarynyň doly ýerine ýetirilmegini berk gözegçilikde saklamagy wise-premýere tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow gözegçilik edýän ulgamlarynda 2024-nji ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hasabat döwründe nebitiň gaz kondensaty bilen çykarylyşynyň meýilnamasy 100,2 göterim, hususan-da, "Türkmennebit" döwlet konserni tarapyndan nebit çykarmagyň meýilnamasy 102,4 göterim, konserniň nebiti gaýtadan işleýän zawodlary tarapyndan nebiti gaýtadan işlemegiň meýilnamasy 101,9 göterim ýerine ýetirildi. Hasabat döwründe benzin öndürmegiň meýilnamasy 101,8 göterim, dizel ýangyjyny öndürmegiň meýilnamasy 100,4 göterim, çalgy ýaglaryny öndürmegiň meýilnamasy 109 göterim berjaý edildi. Daşary ýurtlara iberilen tebigy gazyň ösüş depgini, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 100,5 göterime deň boldy. Şeýle hem polipropilen, suwuklandyrylan gazy öndürmek, tebigy we ugurdaş gazy çykarmak babatda gazanylan tehniki-ykdysady görkezijiler barada hasabat berildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, uglewodo-

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РАИСА РЕСПУБЛИКИ ТАТАРСТАН РОССИЙСКОЙ ФЕДЕРАЦИИ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил Раису Республики Татарстан Российской Федерации Рустаму Минниханову сердечные поздравления и наилучшие пожелания по случаю его дня рождения.

Пользуясь возможностью, глава государства адресовал Рустаму Минниханову искренние пожелания крепкого здоровья, семейного благополучия и счастья, а также новых успехов во всех начинаниях и устремлениях во благо братского народа Республики Татарстан Российской Федерации.

## НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РАИСА РЕСПУБЛИКИ ТАТАРСТАН РОССИЙСКОЙ ФЕДЕРАЦИИ

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил Раису Республики Татарстан Российской Федерации Рустаму Минниханову тёплые поздравления и наилучшие пожелания по случаю его дня рождения.

«Хочу выразить благодарность за Ваш большой вклад и особое внимание, которое Вы уделяете укреплению и развитию отношений между Туркменистаном и Республикой Татарстан Российской Федерации», – говорится в послании Героя-Аркадага.

Пользуясь возможностью, Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана адресовал Рустаму Минниханову искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов во всех начинаниях.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ БОЛГАРИЯ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Болгария Румену Радеву в связи с национальным праздником страны – Днём освобождения.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава Туркменского государства выразил Президенту Румену Радеву искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и больших успехов в деятельности, а всему народу Республики Болгария – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕМЬЕР-МИНИСТРА ИСЛАМСКОЙ РЕСПУБЛИКИ ПАКИСТАН

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления г-ну Миану Мухаммад Шахбаз Шарифу в связи с его избранием на должность Премьер-министра Исламской Республики Пакистан.

«Уверен, что при Вашем руководстве Правительством Исламской Республики Пакистан в стране будет достигнут прогресс в политической, социальной, экономической сферах, а также ещё выше поднимется её авторитет на международной арене. Высоко оценивая дружественные туркмено-пакистанские отношения, мы продолжим соответствующую работу для их дальнейшего развития», говорится в послании.

Пользуясь этой возможностью, глава государства выразил Премьер-министру Миану Мухаммад Шахбаз Шарифу сердечные пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а братскому народу Исламской Республики Пакистан – мира, прогресса и процветания.

## ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА, НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА ПОЗДРАВИЛ ПРЕМЬЕР-МИНИСТРА ИСЛАМСКОЙ РЕСПУБЛИКИ ПАКИСТАН

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил искренние поздравления г-ну Миану Мухаммад Шахбаз Шарифу в связи с его избранием на должность Премьер-министра Исламской Республики Пакистан.

«Твёрдо уверен, что дружественные и основанные на взаимоуважении отношения между Туркменистаном и Исламской Республикой Пакистан будут и далее развиваться и укрепляться в интересах наших народов», говорится в послании.

Пользуясь этой возможностью, Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана выразил Премьер-министру Миану Мухаммаду Шахбаз Шарифу сердечные пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а также больших успехов на этой государственной должности во имя прогресса и процветания братского народа Исламской Республики Пакистан.

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

rod serişdeleriniň çykarylýan möçberini artdyrmak boýunça toplumlaýyn çäreleri görmegi dowam etdirmegiň, nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryň doly güýjünde işledilmegini üpjün etmegiň zerurdygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz pudaga häzirki zaman tehnologiýalaryny ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleriň möhümdigine ünsi çekip, wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew gözegçilik edýän pudaklarynda şu ýylyň ilkinji iki aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri, ählihalk bag ekmek dabarasyna taýýarlyk görlüşi barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, oba hojalyk toplumynda, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, önümçiligiň ösüş depgini 104,2 göterime deň boldy. Bu görkeziji Oba hojalyk ministrligi boýunça 124,2 göterime, Daşky gurşawy goramak ministrligi boýunça 123,5 göterime, Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti boýunça 123,2 göterime, "Türkmenpagta" döwlet konserni boýunça 101,6 göterime, "Türkmengallaönümleri" döwlet birleşigi boýunça 109,5 göterime, "Türkmenobahyzmat" döwlet birleşigi boýunça 106,7 göterime, Azyk senagaty döwlet birleşigi boýunça 100,5 göterime, Maldarçylyk we guşçulyk senagaty döwlet birleşigi boýunça 100 göterime hem-de "Türkmen atlary" döwlet birleşigi boýunça 101,9 göterime barabar boldy. Maýa goýum serişdeleriniň özleşdirmegiň meýilnamasy 230,4 göterim ýerine ýetirildi.

Häzirki wagtda bugdaý ekilen meýdanlarda ideg etmek, gowaça ekiljek meýdanlarda ýerleri ekiş möwsümine taýýarlamak, ýazky ekiş möwsüminde ulanyljak ähli oba hojalyk tehnikalaryny we gurallary abatlap, möwsüme taýýar etmek boýunça işler alnyp barylýar. Şeýle hem ilatymyzy ýeralma, gök-bakja önümleri bilen ýeterlik möçberde üpjün etmek üçin degişli işler ýerine ýetirilýär, suw serişdelerini rejeli we netijeli peýdalanmak boýunça maksadalaýyk çäreler görülýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek babatda agrotehniki çäreleri öz wagtynda we ýokary hilli ýerine ýetirmek üçin guramaçylyk hem-de gözegçilik işlerini talabalaýyk geçirmegiň zerurdygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzda suw üpjünçilik ulgamyny döwrebaplaşdyrmak barada aýdyp, suwaryş ulgamlaryna suwy tygşytly ulanmak boýunça häzirki zaman tehnologiýalaryny giňden ornaşdyrmagyň möhümdigini nygtady we wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary ýurdumyzda ekologik abadançylygy üpjün etmek boýunça döwlet syýasatynyň çäklerinde ýerine ýetirilýän giň gerimli işler, hususan-da, ählihalk bag ekmek dabarasyna taýýarlyk görlüşi barada hasabat berdi. Ýurdumyzda, şol sanda Arkadag we Aşgabat şäherlerinde ählihalk bag ekmek dabarasyny ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek üçin görülýän çäreler barada aýdyldy. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer hormatly Prezidentimiziň garamagyna «Türkmenistanda ählihalk bag ekmek dabarasyny geçirmek hakynda» Kararyň taslamasyny hödürledi.

Döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, däp bolşy ýaly, ýurdumyzda her ýyl özboluşly ekologik çärä bolan bag ekmek dabarasynyň geçirilýändigini belledi. Hormatly Prezidentimiz 16-njy martda ählihalk bag ekmek dabarasynyň geçiriljekdigini aýdyp, hödürlenen resminama gol çekdi we ony wise-premýere sanly ulgam arkaly iberdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow gurluşyk we senagat toplumy tarapyndan 2024-nji ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hasabat döwründe toplum tarapyndan öndürilen önümleriň we ýerine ýetirilen işleriň meýilnamasy 117,2 göterim, Gurluşyk we binagärlik ministrligi boýunça 107,3 göterim berjaý edildi. Şu ýylyň geçen iki aýynda Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi boýunça öndürilen önümleriň we ýerine ýetirilen işleriň meýilnamasy 100 göterime, Energetika ministrligi tarapyndan önüm öndürmegiň we ýerine ýetirilen işleriň meýilnamasy 112,4 göterime deň boldy. Ýylyň başyndan bäri "Türkmenhimiýa" döwlet konserni tarapyndan önüm öndürmegiň we ýerine ýetirilen işleriň meýilnamasy 143,7 göterim,

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentligi boýunça ýerine ýetirilen işleriň meýilnamasy 109,8 göterim, Aşgabat şäheriniň häkimligi boýunça meýilnama 109,7 göterim berjaý edildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, şu ýyl ýurdumyzda birnäçe iri önümçilik we durmuş maksatly binalarydyr desgalary ulanmaga bermegiň göz öňünde tutulýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, bu binalaryň gurluşygynyň bellenen möhletlerde ýokary hilli tamamlanmagy üçin gurluşyk we senagat toplumynyň kärhanalarynyň netijeli işlemegini gazanmak zerurdyr. Şeýle hem himiýa kärhanalarynyň doly kuwwatynda işlemegi üçin degişli işleri alyp barmagyň wajypdygy bellenildi. Energetika pudagynyň kuwwatyny, elektrik energiýasynyň eksport edilýän möçberini hem artdyrmak möhümdir. Sebitara we içerki awtomobil ýollaryny gurmak, bar bolanlarynyň durkuny täzelemek işlerini güýçlendirmek möhümdir diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady we wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew gözegçilik edýän ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, telekeçilik ulgamynyň şu ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda ýerine ýetiren işleriniň netijeleri barada hasabat berdi.

Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi boýunça söwda dolanyşygynyň ösüş depgini, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 102,2 göterime barabar boldy. Dokma senagaty ministrligi boýunça nah matalary öndürmegiň meýilnamasy 100 göterime, tikin we trikotaž önümleriniňki 100 göterime, gön önümleriniňki bolsa 106,1 göterime deň boldy. "Türkmenhaly" döwlet birleşiginiň kärhanalarynda önüm öndürmegiň meýilnamasy 104,2 göterim berjaý edildi. Döwlet haryt-çig mal biržasy boýunça ýanwar-fewral aýlarynda birža söwdalarynyň 49-sy geçirilip, 4 müň 455 şertnama hasaba alyndy. Geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, umumy girdejiniň ösüş depgini 102,4 göterime barabar boldy. Hasabat döwründe Söwda-senagat edarasy boýunça ýerine ýetirilen işleriň ösüş depgini 103,4 göterime deň bolup, jemi 16 maslahat geçirildi. Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi boýunça şu ýylyň iki aýynda oba hojalyk we azyk harytlarynyň önümçiliginiň ösüş depgini 104,1 göterime, senagat önümlerini öndürmegiň ösüş depgini bolsa 107,3 göterime deň boldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň bazarlarynda we söwda nokatlarynda işleri döwrebap ýola goýup, azyk önümleriniň hem-de halkyň sarp edýän harytlarynyň üpjünçiligini hemişe gözegçilikde saklamagyň zerurdygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz halkara tejribeden ugur alyp, söwda işini kämilleşdirmek boýunça zerur işleri durmuşa geçirmegiň möhümdigine ünsi çekip, wise-premýere bu babatda anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hasabat döwründe ýurdumyzda milli baýramçylyklar we Gündogaryň beýik akyldary, türkmen nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli dürli çäreler geçirildi.

Döwlet Baştutanymyzyň 9-njy fewralda geçiren Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde kesgitlän wezipelerini we tabşyryklaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak maksadyndan ugur alnyp, welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimleriniň orunbasarlarynyň gatnaşmagynda iş maslahaty, "Türkmenistanyň Prezidenti Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ösüş maksatnamalaryny durmuşa geçirmekde döwletiň we jemgyýetiň bilelikdäki tagallalarynyň ähmiýeti" atly maslahat guraldy, halkara hyzmatdaşlygyň çäklerinde dürli çäreler geçirildi. Şunuň bilen baglylykda, türkmen hünärmenleri birnäçe ýurtlarda iş saparlarynda bolup, medeni çärelere, festiwallara, maslahatlara gatnaşdylar.

Şeýle-de wise-premýer döwlet maksatnamalaryndan we sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyndan gelip çykýan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek maksady bilen görülýän çäreler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, elektron neşirleriň sanyny artdyrmak, pudaga degişli elektron saýtlary häzirki zaman talaplaryna laýyk gelýän maglumatlar bilen üpjün etmek, işgärleriň hünär derejelerini ýokarlandyrmak boýunça degişli işleriň alnyp barylýandygy aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň gazanan üstünliklerini giňden wagyz etmegiň möhümdigini belledi. Şunuň bilen birlikde, baýramçylyklar we şanly seneler mynasybetli göz öňünde tutulan medeni çäreleri ýokary derejede we guramaçylykly geçirmek barada tabşyryklar berildi.

Mejlisiň dowamynda wise-premýer "Türkmenistanda syýahatçylygy ösdürmegiň esasy ugurlary we mümkinçilikleri" atly halkara maslahaty geçirmäge görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi. Bu maslahaty şu ýylyň 27-28-nji martynda guramak meýilleşdirilýär. Garaşylyşy ýaly, foruma ugurdaş halkara düzümleriň, ýurdumyzyň iri syýahatçylyk guramalarynyň ýolbaşçylary hem-de wekilleri gatnaşarlar. Wekiller üçin Arkadag şäheri, täsin taryhy-medeni ýadygärlikler, muzeýler, umuman, ýurdumyzyň syýahatçylyk mümkinçilikleri bilen tanyşmaklary üçin şertler dörediler. Şeýle hem myhmanlary Änew şäheriniň 2024-nji ýylda "Türki dünýäsiniň medeni paýtagty" diýlip yglan edilmegi mynasybetli geçiriljek çärelere badalga bermek dabarasyna gatnaşdyrmak meýilleşdirilýär. Mundan başga-da, maslahatyň çäklerinde iş duşuşyklaryny, ylmy-amaly maslahaty, syýahatçylyk kärhanalarynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda resminamalara gol çekmek dabaralaryny guramak göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzyň tebigy aýratynlyklaryny nazara alyp, taryhy ýadygärliklerimiz we medeni gymmatlyklarymyz bilen tanyşdyrýan syýahatçylyk ulgamyny ösdürmegiň möhümdigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz «Türkmenistanda syýahatçylygy ösdürmegiň esasy ugurlary we mümkinçilikleri» atly halkara maslahaty ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow gözegçilik edýän bilim, ylym, saglygy goraýyş we sport ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hasabat döwründe ylymly-bilimli nesli terbiýelemäge, okuw meýilnamalaryny we maksatnamalaryny kämilleşdirmäge, bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge gönükdirilen özgertmeler dowam etdirildi. Sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň, daşary ýurt dillerini, tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýalaryna laýyklykda, okatmagyň öňdebaryjy usullary, ylmyň gazananlary bilim işinde giňden ulanyldy. Elektron resminama dolanyşygy ulgamynyň gerimini giňeltmek boýunça işler amala aşyryldy. Mekdep okuwçylary halkara ders we internet bäsleşiklerinde üstünlikli çykyş edip, 30 medal gazandylar.

Hasabat döwründe ylym ulgamyny döwrebaplaşdyrmaga gönükdirilen özgertmeler dowam etdirildi. Ylmy temalaryň 494-siniň ýerine ýetirilişi utgaşdyryldy, okuw kitaplary, gollanmalar, maksatnamalar seljerilip, olaryň 359-sy makullanyldy. Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny bellemek hem-de gadymy Änew şäheriniň 2024-nji ýylda "Türki dünýäsiniň medeni paýtagty" diýlip yglan edilmegi mynasybetli "Gadymy Änew medeniýeti" atly halkara ylmy maslahaty geçirmek bilen bagly guramaçylyk işleri alnyp barylýar.

Ýanwar-fewral aýlarynda bejeriş-öňüni alyş edaralarynda lukmançylygyň ugurlary boýunça meýilnamalaýyn işler alnyp baryldy. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna näsag çagalara dürli görnüşli operasiýalar we bejergiler geçirildi. Ylmy-kliniki merkezleriň gurluşyk hem-de döwrebaplaşdyrmak işleri dowam etdirildi.

Bedenterbiýäni, sporty, Olimpiýa hereketini ösdürmek, türgenleri Olimpiýa oýunlaryna, çempionatlara, iri halkara ýaryşlara taýýarlamak, sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça işler alnyp baryldy. Türkmen türgenleri halkara sport ýaryşlarynda jemi 37 sany (10 altyn, 9 kümüş, 18 bürünç) medala mynasyp boldular. Döwlet Baştutanymyzyň Karary esasynda yglan edilen hokkeý boýunça halkara ýaryşy geçirmek baradaky guramaçylyk toparynyň mejlisi geçirildi. Hünär kämilleşdirmek we tejribe alyşmak üçin daşary ýurtlara gulluk iş saparlary amala aşyryldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, bilim edaralarynyň işini kämilleşdirmäge, olara sanly tehnologiýalary ornaşdyrmaga aýratyn üns bermegiň wajypdygyny belledi. Sporty ösdürmäge aýratyn üns berip, ýurdumyzda dürli sport çärelerini we halkara ýaryşlary yzygiderli geçirmek zerurdyr.

Soňra wise-premýer «Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň «Oguz han» ylmy-tehnologiýalar merkezini döretmek hakynda» Kararyň taslamasy barada hasabat berdi.

"2023-2024-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň ykdysadyýetine ýokary we innowasion tehnologiýalary çekmäge gönükdirilen halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin Hereketleriň meýilnamasyndа" göz öňünde tutulan halkara innowasiýa merkezlerini, tehnoparklary döretmekde dünýäniň öňdebaryjy tejribesini öwrenmek hem-de kesgitlenen wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary hem-de Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy tarapyndan Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň «Oguz han» ylmy-tehnologiýalar merkezini döretmek teklip edilýär. Bu merkeziň esasy maksady ýurdumyzda we sebitde innowasion nano, bio we maglumat, kiberhowpsuzlyk, sanly, "akylly", emeli aň we maglumat-kommunikasiýa, kompýuter, mobil programmalary, elektron enjamlaryň tehnologiýalary ugurlary boýunça önümleri öndürmekden hem-de satmakdan ybaratdyr.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda ylmyň, önümçiligiň we senagatyň ileri tutulýan ugurlaryny ösdürmek, innowasion tehnologiýalary döretmäge ýaşlary işjeň çekmek maksady bilen, «Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetinde «Oguz han» ylmy-tehnologiýalar merkezini döretmek hakynda» Karara gol çekip, ony sanly ulgam arkaly wise-premýere iberdi we birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, geçen iki aýda alnyp barlan işleriň netijeleriniň Garaşsyz döwletimiziň şu ýyl hem depginli ösmegini dowam etdirýändigini görkezýändigini kanagatlanma bilen belledi. Ýurdumyzyň ykdysadyýetinde jemi içerki önümi öndürmek boýunça görkezijiler ýylyň başyndaky ýaly, ýagny 6,3 göterim möçberde saklanýar. Hasabat döwründe senagatda ösüş depgini 5,6 göterim derejede saklanýar. Bu görkeziji söwda ulgamynda 8,1 göterim, ulag we aragatnaşykda 6,6 göterim, oba hojalyk pudagynda bolsa 3,9 göterim boldy. Häzirki döwürde dünýä ykdysadyýetinde emele gelen ýagdaýy göz öňünde tutup, gazanan ösüş depginimizi saklap galmak üçin degişli işleri geçirmek zerurdyr diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Soňra hormatly Prezidentimiz mukaddes maşgala ojagyny gorap saklamakda, ogul-gyzlaryna mynasyp edep-terbiýe bermekde, jemgyýetimiziň agzybirligini has-da berkitmekde eziz enelerimiziň uly işleri bitirýändiklerini belledi. Yhlasly zähmeti bilen berkarar Watanymyzyň abraýyny belende göterýän mähriban enelerimiziň Garaşsyz döwletimizde hormat-sarpasy örän ýokarydyr diýip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow nygtady we köp çagaly enelere «Ene mähri» diýen hormatly ady dakmak hakynda Permana gol çekdi.

Döwlet Baştutanymyz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň mart aýynda ýurdumyzda köp sanly desgalaryň açylyş dabaralarynyň, birnäçe halkara çäreleriň geçiriljekdigini aýtdy. Mart aýynda bellenip geçiljek baýramçylyklara, geçiriljek dabaralara, çärelere we halkara olimpiadalara gowy taýýarlyk görmeli hem-de ýokary derejede geçirmeli diýip, döwlet Baştutanymyz sözüniň ahyrynda belledi we anyk tabşyryklary berdi.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## Встреча Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана с Президентом Турецкой Республики

1 марта 2024 года, Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов встретился в Анталье с Президентом Турецкой Республики Реджепом Тайипом Эрдоганом.

Сердечно приветствуя Героя-Аркадага Гурбангулы Бердымухамедова, Президент Реджеп Тайип Эрдоган поблагодарил его за принятое приглашение посетить Турцию и принять участие в Анталийском дипломатическом форуме, подчеркнув доверительный, плодотворный характер межгосударственного диалога, который благодаря совместным усилиям с каждым годом обретает новое конкретное наполнение.

Поблагодарив Президента Реджепа Тайипа Эрдогана за приглашение принять участие в Анталийском дипло-




матическом форуме, Герой-Аркадаг Гурбангулы Бердымухамедов, пользуясь представившейся возможностью, сердечно поздравил главу Турции с 70-летним юбилеем, а также передал ему тёплые слова приветствия, поздравления и наилучшие пожелания от Президента Сердара Бердымухамедова.

Как отмечалось, за особые заслуги в упрочении уз дружбы между двумя странами и народами, огромный личный вклад в расширение многолетнего межгосударственного сотрудничества Указом Президента Туркменистана турецкому лидеру присвоено звание «Hormatly il ýaşulusy» Туркменистана. Поздравив Президента Реджепа Тайипа Эрдогана с этим высоким званием, Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты пожелал ему крепкого здоровья, долголетия и больших успехов в ответственной деятельности на высшем государственном посту.

Выразив Национальному Лидеру туркменского народа Гурбангулы Бердымухамедову и Президенту Сердару Бердымухамедову искреннюю признательность за поздравления, добрые пожелания и оказанную честь, глава Турецкой Республики подчеркнул, что рассматривает присвоение ему почётного звания «Hormatly il ýaşulusy» Туркменистана как зримый символ нерушимости отношений дружбы и братства между нашими странами и народами.

В продолжение встречи Герой-Аркадаг Гурбангулы Бердымухамедов и Президент Реджеп Тайип Эрдоган с удовлетворением констатировали высокий уровень туркмено-турецкого сотрудничества. Подчёркивалось, что двусторонние отношения, опирающиеся на исторически сложившуюся общность наших народов, успешно развиваются по всему своему спектру: в политико-дипломатической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной сферах. При этом отмечалось, что укрепляя многовекторное партнёрство, Туркменистан и Турция исходят из принципа «Одна нация – два государства», что служит прочным фундаментом для конструктивного взаимодействия – как на двусторонней, так и на многосторонней основе.

По завершении встречи состоялась церемония подписания двусторонних документов.

Были подписаны:

– Декларация о намерениях по сотрудничеству в области углеводородных ресурсов между Туркменистаном и Турецкой Республикой;

– Меморандум о взаимном сотрудничестве по вопросу развития партнёрства в области природного газа между Государственным концерном «Türkmengaz» и Министерством энергетики и природных ресурсов Турецкой Республики;

– Меморандум о взаимопонимании между Акционерным обществом открытого типа «Авиакомпания «Türkmenistan» и Университетом Турецкой ассоциации аэронавтики.

## Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti bilen duşuşygy

2024-nji ýylyň 1-nji martynda 3-nji Antalýa diplomatiýa forumyna gatnaşmak maksady bilen Türkiýede iş saparynda bolýan türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan bilen duşuşygy boldy.

Prezident Rejep Taýyp Ärdogan Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowy mähirli mübärekläp, Türkiýä gelip görmäge we 3-nji Antalýa diplomatiýa forumyna gatnaşmaga çakylygy kabul edendigi üçin hoşallyk bildirip, bilelikdäki tagallalaryň netijesindäki ýylsaýyn täze manymazmun bilen baýlaşdyrylýan döwletara gatnaşyklarynyň ynanyşykly we netijeli häsiýetini nygtady.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Antalýa diplomatiýa forumyna gatnaşmaga çakylygy üçin Prezident Rejep Taýyp Ärdogana minnetdarlyk bildirdi hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, Türkiýäniň Baştutanyny 70 ýaş ýubileýi bilen tüýs ýürekden gutlady şeýle hem hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Bellenilişi ýaly, iki ýurduň we olaryň halklarynyň arasynda dostluk gatnaşyklaryny pugtalandyrmakda bitiren aýratyn hyzmatlary, köpýyllyk döwletara hyzmatdaşlygynyň giňeldilmegine goşan uly şahsy goşandy üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen türk Liderine Türkmenistanyň “Hormatly il ýaşulusy” diýen ady dakyldy. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Prezident Rejep Taýyp Ärdogana bu ýokary adyň dakylmagy bilen gutlap, berk jan saglyk, uzak ömür we ýokary döwlet wezipesinde alyp barýan jogapkärli işinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Halkymyzyň asylly däbine görä, Gahryman Arkadagymyz şanly ýubileý mynasybetli türk Liderine türkmen milli içmegini sowgat berdi. Içmek sary reňkli deriden taýýarlanyp, nagyşlar bilen bezelipdir. Mälim bolşy ýaly, gadymy däbe görä, içmek il içinde uly abraýdan peýdalanýan adamlara aýratyn minnetdarlygyň nyşany hökmünde gowşurylýar. Türkmen içmegi şeýle hem ýylyň islendik paslynda geýip bolýandygy bilen tapawutlanýar.

Türkiýe Respublikasynyň Baştutany gutlaglar we bildirilen hormat üçin tüýs ýürekden hoşallygyny beýan edip, özüne Türkmenistanyň “Hormatly il ýaşulusy” diýen hormatly adyň dakylmagyna ýurtlarymyzyň we halklarymyzyň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklarynyň mizemezliginiň nyşany hökmünde garaýandygyny nygtady.

Duşuşygyň dowamynda Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow hem-de Prezident Rejep Taýyp Ärdogan türkmen-türk hyzmatdaşlygynyň ýokary derejesini kanagatlanma bilen bellediler. Halklarymyzyň taryhyň dowamynda emele gelen umumylygyna esaslanýan ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlarda üstünlikli ösdürilýändigi nygtaldy. Şunda Türkmenistanyň we Türkiýäniň köpugurly hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak bilen “Bir millet – iki döwlet” ýörelgesinden ugur alýandyklary, munuň bolsa ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esaslardaky netijeli özara gatnaşyklar üçin berk binýat bolup hyzmat edýändigi bellenildi.

Duşuşyk tamamlanandan soňra ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy.

***Gol çekilen resminamalar:***

*– Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasynda uglewodorod serişdeleri babatda hyzmatdaşlyk etmek boýunça meýiller hakynda Jarnama;*

*– “Türkmengaz” döwlet konserni bilen Türkiýe Respublikasynyň Energetika we tebigy serişdeler ministrliginiň arasynda tebigy gaz ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmek meselesi babatda özara hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ähtnama;*

*– “Türkmenistan” awiakompaniýasy” açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti bilen Türk aeronawtika birleşigi uniwersitetiniň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama.*

## THE NATIONAL LEADER OF THE TURKMEN PEOPLE VISITED AN EXHIBITION OF AFGHAN GOODS AND HELD A BUSINESS MEETING

The National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov visited an exhibition of Afghan goods in the building of the Chamber of Commerce and Industry of Turkmenistan.

During the inspection, Arkadag focused his attention on the stands of Afghan companies involved in the extraction and industrial processing of stones used in construction. In this regard, the readiness of the Turkmen side to consider issues related to the participation of Afghan companies in the construction of the second stage of the city of Arkadag was indicated.

There was also an introduction to carpets, jewelry, building materials, household and industrial chemicals, fruits and vegetables and food products and other types of goods produced in the neighboring country.

The National Leader of the Turkmen people, emphasizing that this exhibition plays an important role in enhancing Turkmen-Afghan cooperation, focused on the importance of systematically holding such events.

Then the Chairman of the Halk Maslahaty met with the Acting Minister of Industry and Trade of Afghanistan Alhaj Nuruddin Azizi and the Chairman of the Board of Management of the Çalik Holding Group of Companies Ahmet Çalık.

During the business conversation, important issues for the parties were discussed regarding the development of cooperation in the fuel, energy and trade and economic spheres.

A.N.Azizi thanked the National Leader of the Turkmen people and the President of Turkmenistan for the attention paid to the development of Turkmen-Afghan cooperation, ensuring peace, sustainable development in the region, as well as the opportunity to organize exhibitions of Afghan goods, while expressing his country’s interest in implementing joint projects.

Arkadag, emphasizing that the Turkmen and Afghan peoples are connected by ancient traditions of brotherhood and mutual respect, common spiritual and historical values, added that Turkmenistan, based on its status of permanent neutrality in resolving the internal situation in Afghanistan, is a supporter of only political and diplomatic efforts.

In this context, Turkmenistan’s interest in the prosperity of the neighboring country was outlined, for which our country is carrying out specific work in this direction. In particular, the construction of social infrastructure facilities, large transport and energy projects is being implemented, including the "Turkmenistan - Afghanistan - Pakistan - India" gas pipeline, the "Turkmenistan - Afghanistan - Pakistan" power transmission line, the "Kerki - Ymamnazar - Akina - Andkhoy" railway lines and "Serhetabat - Turgundi".

Taking into account the favorable transport and transit potential of Turkmenistan, it was noted that the Afghan side is showing great interest in using the transit capabilities of the Turkmenbashi International Seaport.

At the end of the meeting, Arkadag emphasized that Turkmenistan is always open to establishing relations based on mutual respect and understanding for any interested country and authoritative international organizations, and our country will continue to provide support in the socio-economic and cultural revival of Afghanistan.

Интернет газета
Международные новости

## THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN RECEIVED THE OSCE SECRETARY GENERAL

On March 5, 2024, President Serdar Berdimuhamedov met with the Secretary General of the Organization for Security and Cooperation in Europe Helga Schmid.

The head of state emphasized that Turkmenistan attaches great importance to consolidating efforts to ensure peace, security and sustainable development on the planet, whose foreign policy is based on the principles of positive neutrality. In this regard, one of the priorities is to strengthen interaction with major international organizations such as the OSCE.




The President expressed confidence that the meeting of the OSCE Secretary General and the ministers of environmental protection of the Central Asian countries, held on March 4 in Ashgabat, will serve to intensify dialogue in the environmental sphere.

Further, the purposeful comprehensive work of Turkmenistan in the environmental field in Turkmenistan was stated, as well as our country's commitment to multilateral partnership in the fields of ecology and environmental protection.

Evidence of this is the announcement of Turkmenistan to join the Global Methane Commitment at the 28th Conference of the Parties to the UN Framework Convention on Climate Change last December in Dubai. Another example is the initiative of the President of Turkmenistan to create in our country a Regional Center for Technologies related to Climate Change in Central Asia, announced at the 78th session of the UN General Assembly.

During the exchange of views on key issues of cooperation, it was noted that Turkmenistan, advocating active interaction in order to maintain peace, security and sustainable development in the regional and global dimensions, is committed to a close partnership with the OSCE in countering modern challenges and threats.

The energy sector was identified as another promising area. In this context, the head of Turkmenistan spoke in favor of carrying out specific work within the OSCE to bring energy resources to the world market and transit, including political, financial and environmental aspects.

The parties also noted the prospects of cooperation in the transport sector. At the same time, Turkmenistan's readiness to expand partnership with the OSCE in specific areas was confirmed.

## A MEETING BETWEEN THE HEADS OF ENVIRONMENTAL AGENCIES OF CENTRAL ASIAAND THE OSCE SECRETARY GENERAL TOOK PLACE IN ASHGABAT

On March 4, 2024, a high-level meeting was held in the Turkmen capital with the participation of the Secretary General of the Organization for Security and Cooperation in Europe Helga Schmid and the environmental ministers of the Central Asian countries, during which a thorough exchange of views took place on the most important topics of regional cooperation. Particular attention of the meeting participants was paid to the issues of climate change in order to ensure stability in Central Asia, sustainable management of water resources, development of water diplomacy, and in particular, the involvement of women in this process.

In her speech, the OSCE Secretary General emphasized the importance of the current meeting, which provides an opportunity to once again focus attention on modern environmental challenges, the primary aspects of climate issues directly related to the promotion of sustainable development, ensuring energy and food security and, in general, prosperity and stability in the region.

Conference participants noted the importance of OSCE initiatives and programs in the Central Asian region, which are aimed at exchanging knowledge and best practices on climate change issues, as well as developing joint strategies to help solve environmental problems.

The parties also expressed a common opinion on the need to take joint measures to cooperate in confronting climate challenges.

The Turkmen side emphasized that environmental safety remains a priority in our country's interaction with the countries of Central Asia and the OSCE. In this regard, the key role of the initiative to establish a Regional Center for Climate Technologies for Central Asian countries was noted, the relevance of which is due to the need to exchange advanced climate technologies.



It was emphasized that by joining all the basic international conventions and agreements in this area, our country demonstrates a serious and responsible approach to their implementation, regularly coming up with important initiatives that receive the support of the world community.

Also, special emphasis was placed on the initiatives of the President of Turkmenistan put forward at the 28th session of the Conference of the Parties to the UN Framework Convention on Climate Change. In this context, the importance of Turkmenistan's accession to the Global Methane Commitment and the country's readiness to continue interaction with international organizations and partner states in this direction was noted.

During the meeting, the parties also substantively discussed water and agricultural issues, the transition to a «green» economy, waste management and reduction of harmful emissions, improving the environmental culture of society and, in particular, youth, etc.

## Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisiniň netijelerine bagyşlanan maslahat geçirildi

2024-nji ýylyň 28-nji fewralynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisiniň netijelerine bagyşlanan maslahat geçirildi.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi tarapyndan guralan bu çärä ýurduň jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylary we wekilleri, Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary hem-de talyp ýaşlary gatnaşdylar.

Maslahatda «Türkmenistany 2024-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyny» hem-de «Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň işiniň esasy ugurlary boýunça Türkmenistanyň Mejlisi, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary hem-de jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikde «Türkmenistany 2024-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyny» üstünlikli durmuşa geçirmek boýunça gaýragoýulmasyz işler maslahatlaşyldy.

Türkmenistanyň Daşary işler ministri R. Meredow maslahatda çykyş edip, ýurdumyzyň ýolbaşçylygynyň tagallalaryň netijesinde döwletiň ykdysady kuwwatynyň yzygiderli berkidilýändigi, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleri hil taýdan gowlanýandygy, ýurdumyzyň halkara abraýy ýylsaýyn artýandygy barada belledi.

Şeýle-de, Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji mejlisiniň çäklerinde öňe süren garaýyşlaryna, hususan-da, Ählumumy howpsuzlyk strategiýasyny taýýarlamak baradaky başlangyjyna hem üns çekildi.

Daşary syýasatyň ähmiýetli ugurlary bolan energetika, ulag, ekologiýa, maglumat howpsuzlygy we sanlylaşma meselelerine aýratyn ähmiýet berildi.

Maslahatda çykyş edenler Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilen täze strategiýanyň esasy maksadynyň ýurduň ykdysady ösüşini goldamakdan ybaratdygyny bellediler. Şu nukdaýnazardan, ýurduň durnukly ösüşini üpjün etmek üçin bellenilen maksatlara ýetmekde dolandyryş çözgütlerine, durnukly syýasy ýagdaýa aýratyn orun degişlidigi nygtaldy.

Umumy mejlisden soň, maslahat gender deňligini üpjün etmek hem-de ýaşlar syýasatyny durmuşa geçirmek ugurlary boýunça dowam etdi.

Olarda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisinde kesgitlän zenanlaryň kanuny bähbitlerini goramak üçin şertleri döretmek, ösüp gelýän ýaşlaryň gyzyklanmalaryny we maşgala birligini üpjün etmek meselelerine üns berildi.

## НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Обсуждены вопросы развития двустороннего транспортно-транзитного сотрудничества Туркменистана и Кыргызстана***

28 февраля 2024 года Посол Туркменистана в Кыргызской Республике Н.Голлиев провел встречу с Министром транспорта и коммуникаций Кыргызской Республики Т.Текебаевым.

На встрече были обсуждены перспективные направления развития двустороннего сотрудничества в транспортно-транзитной и логистической сферах, в том числе в контексте реализации совместных проектов в рамках международных и региональных инициатив.

Министр подчеркнул заинтересованность в развитии транспортных связей Кыргызстана с Туркменистаном, как с одним из важных партнеров в регионе.

***Встреча Посла Туркменистана во Франции в штаб-квартире ЮНЕСКО***

28 февраля 2024 года в штаб-квартире ЮНЕСКО состоялась встреча посла М.Чарыева с Заместителем Генерального директора ЮНЕСКО по приоритету «Африка» и внешним связям Энтони Охеменг-Боама.

В ходе встречи были рассмотрены инициативы Туркменистана, связанные с международным празднованием 300-летия юбилея Махтумкули Фраги. Эти инициативы получили поддержку ЮНЕСКО в соответствии с резолюцией, принятой на 42-й сессии Генеральной конференции ЮНЕСКО в ноябре 2023 года, в связи с чем было объявлено о проведении культурных мероприятий в штаб-квартире ЮНЕСКО, включающих гала-концерт и выставку по данному случаю.

***Посольство Туркменистана в США провело брифинг по итогам важнейших правительственных заседаний***

2 марта 2024 года в Посольстве состоялся брифинг, посвященный итогам ключевых правительственных заседаний, в частности, заседания Кабинета Министров Туркменистана 9 февраля и Президиума Халк Маслахаты 22 февраля. В мероприятии приняли участие представители туркменской диаспоры, проживающие в США, и туркменские студенты, обучающиеся в американских учебных заведениях.

В частности, Посол М. Оразов рассказал о важнейших приоритетах, обозначенных Президентом Сердаром Бердымухамедовым и Национальным лидером туркменского народа Гурбангулы Бердымухамедовым в год, провозглашенный "Кладезью мудрости Магтымгулы Фраги". Кроме того, дипломаты посольства рассказали об инициативах и условиях, созданных руководством Туркменистана в интересах туркменской молодежи.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***